# Abdylhekim Gulmuhammedowyñ goşgularyndan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Abdylhekim Gulmuhammedowyñ goşgularyndan

Abdylhekim Gulmuhammedow (1879-1931)

■ Gül ýüzli ýar

Gara bulut galkdy. Dünýe ýagtyldy.
Heniz bagtym garaňkyda sermenýär…
Daňlar atdy, guşluk galdy ýene-de,
Uklap ýatyr. Ruhum tende dyrmanýar..!
Başga ýerde solan güller açylýar…
Gögermezmi? Bizde dama saçylýar..!

Ýaz gijesi ýaldyraýan ýyldyzlar..!
Dolan Aý, dogan Gün, bakmakda gözler…
Ýakymly ýel! gel! bu solan gülleri..!
Öwsüň, gögerdiň, bu nahallary!
Suwsuz guran, harap bir bag içinde,
Bir ýany çöl, bir ýany dag içinde.

Bagtymyň gül gyzy, gözel ýüzli ýar!
Gözellik babyndan, bary, sende ýar…
Neçün gaşyň çytyk, solgun ýüzleriň?
Melul bolsa, tur ýaryňden, algyn ar!
Erk, umyt, tohumny seçdiň dir indi..!
Parlak bir durmuşa, tizräk gir indi..!

■ Bag görüner

Öňüme oýlap seretsem,
Uçmah ýaly bag görüner.
Ol bag içre bir gözel gyz,
Serinde saçbag görüner.

Geçmişde sönmüş umydy,
Saçyn çözüp zülpün ýaýdy,
Gözün süzüp gaşyn gyýdy,
Ýürek-bagry dag görüner.

Bagyň bagbany, ol ene..!
Köllerinde ýüzýär sona,
Umydy ýetmiş bir çene,
Örän keýpi çag görüner.

Hazar deňiz, Amyderýa,
Orta ara, bir umyt berýä,
Uçmaha ogşaýyp turýa,
Öňde umytly "bag..!" görüner.

■ Maralym

Gara gulpaklaryň ýüzüňde çaşgyn,
Solgun gara gözler, neçün süzülýär.
Solma, sararma, ap-bak gözelim,
Boýnuň bursaň, janym tenden üzülýär.
Tur, gök gyrasyndan güneş görünýär,
Ýagşy ýazgyt saňa garşy sürünýär.

Tur ýeriňden, inçe billi maralym!
Gözüňe sürme çek, gulpagyň dara.
Ak bilegiň salgyn, müýnli boýnuma,
Mundan artyk salma bagryma ýara.
El tutuşyp, umyt sary ýöräli,
Erkin, bir durmuşda döwran süreli.

Tur, gör! Bagymyzda güller açylýar,
Gezmeläli, seniň bile bu bagda.
Dolan Aý ýagtysy, bu gözel bagy,
Ýaşyl derýa dönderipdir, bu çagda,
"Eken nahallaryň tizden ýetişer,
Ýaşyl ýapraklary her ýan tutuşyr.

■ Indi ýeter

Garagyş, çykmazmy munça ýyllar?
Sözle zarynly, söýgüli sazym!
Gökden ösen, gözel ýagymly ýeller,
Sözle ne wagyt çykar, parlak ýarym.,.?

Parlat dünýäni, eý ýaz güneşi
Eý, ýoksullar ýary, zahmetkeşi!

Görmek isteýäris, ýaşyl otlar dagda, baýyrda,
Somly gülälekler, gyrda, adyrda,
Gözel guzyjyglar, çapýar, meläp nirä!?
Ýalaňaç depelerde, düzde her ýerde.

Ganat çykaryb, göge uçmaq üçün,
Gözel görkem gyzy..? quçmaq üçün.
indi çykmazmy sen? Eý, söýgüli ýazym!
Kölüňde ýüzsün, gagyldap gubagazym!

Eý, görjek ýaly, gözlemekden gözler,
UIy umyt, elde zarynly sazym
Gel bizi, bu gamly gyşdan qutar!
Besdir bu garagyş, indi ýeter!

■ Gelin we gopuzy

Hünjüden bir esgeç, agzynda gopuz
Gysylyp eňreýär gaýgy içinde.
İki dodak dynman köňüllik berýär,
Ýaňraýar ýene-de duýgy içinde.

Elleri sandyrap, titreýän gelin,
Barmaklar kakmakda gopuzyň telin,
Düşünýär, oýlaýar ýaşamak ýolun,
Saklanýar, çydaýar duýgy içinde.

Bu bir gyzjagazdy, enesiz galan, "
Agyr bir durmuşda gül meňzi solan,
Ärinden deňlik ýok, gyrada galan
Gaýgyly gözýaşy çygy içinde.

Deňliksiz durmuşdan köňli ýaýnaýar,
Ýüregi çyrpynýar, ruhy gynaýar,
Ýüregine bäs gelmän, gopuzyn çeýneýär
Nätjegin bilmezden gaýgy içinde.

Doýmak beýle dursun, ýokdur aşlygy,
Isledigi erkin durmuşdalygy,
Ýene bolsa gopuzy-köňül hoşlugy,
Öňde ýüksek umyt, duýgy içinde.

■ Aglan ýar

Aň-bilimden yzda galyp aglan ýar!
Ruhum köp uzakdan agyňy duýýar.
Çalyşgyn, çytraşgyn, açyk bu gün ýol,
Çalyş bu gün, nadanlykdan algyn ar!
Aglama, gözüňiň ýaşyny gurut!
Ýüpek ýaglyk bilen gözüňi sürt!

Owal gylyç tutan batyr türkmensiň,
Batyrlygyň dünýä mälim edensiň.
Indi gylyç ornuna galamyň algyn,
Bu gün isleg-myradyňa ýetensiň.
Medeniýet üçin ýaragyňy dakyn,
Çalyşgyn, wagtyňy ötürme sakyn!

Günbatardan öser aň-bilim ýeli,
Medeniýet bagynyň açylan güli.
Täze ekilen her hil daragt bagyňda,
Gymmatly imişler bersin nahaly!..
Eý, türkmeniň ylym ýurdunyň gülleri!
Ýükseldiň, parladyň bu gün illeri.

■ Geljegim

Umyt deryasynda gulaçlap ýüzüp,
Çümýärin, agýaryn, saňa geljegim!. ..
Gutulyp, tolkundan gyra çykmana,
Gözlerim dikýärin, saňa geljegim!…

Elim tutda, bu tolkundan, gel qutar!
Gözel "geljek" bilim bagyna göter!
"Geljegim" oýlasam, ýazgydym gözel,
Sülmüräp, sallanyp, bir gyz görinýär!. ..

Uçmah ýaly, gömgök bir düz içinde …
Gülib qaşın qaqıb, mana sürinyar.
"Geleceğin" görkemin gözel anası;
Umyt kölleriniň ýaşyl sonasy.

Gözel "geljek" seniň söýgüň köňlimde,
Ýanar dag dek, ýalgym at ýar her ýana;
Basgançagy al, gyrmyzy çeçekler
Ter açylmyş, bezek, baga, bagtyma.

Işçi, daýhan, gözelligin sözleýär;
Duýgy düşünjeler seni gözleýär!

■ Sil eder

Gül açylar, bugün ýaryň bagynda,
Ruhym şatlyk bilen güle seýl eder,
Gaýgy gamlar, köňlüm basan çagynda,
Gözüm baga, köňlüm güle meýl eder.

Bu bagyň gülleri her ýana paýrar,
Bilbiller daşynda, çarh uryp saýrar;
Gözel nagmalary dört ýana ýaýrar,
Ýene bag içinde ile meýl eder.

Bagbany bu bagyň gözel illerim,
Ter açylan al gyrmyzy güllerim,
Jürildeşip saýran bilbilllerim,
Ýagşy aýdym gözel dile meýl eder.

Öň bakan ýazgydym qaýtadan bakýar,
Duýgy derýasyndan şar-şarlap akýar;
Öňdäki böwediň … barysyn ýykýar,
Begençli göz-ýaşym güýçli sil eder.

Goşgular